# Esenguly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Esenguly ESENGULY

*Kasym Nurbadowa*

Obalar meñzeýär biri-birine,
Bir-birine şeýle meñzeş şäherler.
Esengulyñ ekiztaýyn tapmarsyñ,
Gelenler geñ galyp, bakar säherler.

Gözleriñe dolar aýakly jaýlar,
Bütin oba gitjek ýalydyr birýan.
Agşam görseñ, işden gelen ýalydyr,
Säher görseñ, göýä ol işe barýar.

Oba dynjyn alýar aýak üstünde,
Aýak üstünde ol işlän mahalam.
Deñize çümdürip gurupdyr jaýy,
Şu obanyñ ýerin ilki tapanam.

Esenguly mydam aýak üstünde,
Myhmanyñ ýoluna dikilen gözi.
Hyzmat eder aýak üstünde durup,
Myhmanyn oturdar, oturmaz özi.

Obañ geçmişinden gürrüñ açsalar,
Gojalar erteki sözleýän ýaly.
Esenguly galyp daraklygyna,
Çekilen deñizi gözleýän ýaly…

■ WATAN

Agrasdyr ol uly göwresi ýaly,
Watan öwgülere mätäç däldir hiç.
Ýüregiñ söýgüsi goluña geçse,
Ynanar Watanyñ şoña ir-u-giç.

Watana gerek däl nähak pidalar,
Somlamak gerek däl gara başyňy.
Her bir ogly üçin uly göwresin
Silkip döküändir ol gözde ýaşyny.

Söýüp Watanymyň ýazyn-gyşyny,
Şu paýhasa gulluk edýän her zaman:
Oň üçin goýmaly bolmalyň başy,
Watan üçin başy saklalyň aman.

Aşyrguly BAÝRYÝEW. Goşgular